# Belki…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Belki… BELKI…

Eşidilmez kiçiň ula salamy,
Harsydünýäleriň gula salamy,
Tersine, ne belent pula salamy,
Belki, bu galandyr ata-babadan?!

Gürrüňi köp, iç dökmäge adam ýok,
Iç dokeniň hiç bir zatdan gaýdanok,
Gorkudan diliň lal, hiç zat aýdaňok,
Belki, bu galandyr ata-babadan?!

Ýaşaber Allaýar, ygbalyň budur,
Ýyglasaň ýyglaber, gudrasaň gudur,
Hiç kime hiç haçan goýmazlar gadyr,
Belki, bu galandyr ata-babadan?!

14-16.12.2021. Goşgular